**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#3(286)

четверг, 22 января 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**16-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.**

Ilki bilen, döwlet Baştutanymyz Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berdi. Ol Mejlis tarapyndan ýurdumyzyň kanunçylygyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda Türkmenistanyň Jenaýat, Jenaýat iş ýörediş we Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodekslerine, «Migrasiýa hakynda», «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, welaýatlarda täze döredilen etraplarda halk maslahatlarynyň agzalarynyň, Mejlisiň möhletinden öň çykyp giden deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň çykyp giden agzalarynyň ýerine saýlawlary bellemek boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň karary kabul edildi. Resminama laýyklykda, saýlawlary şu ýylyň 29-njy martynda, ýekşenbe gününde geçirmek bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmek üçin ýurdumyzyň hukuk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmegiň, kabul edilen kanunlara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynyň (SPECA) hepdeligini geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlygyň ýurdumyzyň alyp barýan syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belledi hem-de wise-premýere BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynyň (SPECA) hepdeligini geçirmäge gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, möhüm ähmiýetli wezipelere ünsi çekdi we wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa medeniýet ulgamynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, medeniýet ulgamynyň işini döwrebap guramak, maddy-enjamlaýyn we kanunçylyk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmek, medeni mirasymyzy öwrenmek, giňden wagyz etmek, syýahatçylygy ösdürmek, medeniýet ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Medeniýet ugurly bilim edaralarynyň okuw meýilnamalary we maksatnamalary yzygiderli kämilleşdirilip, bilim işini guramagyň usullary häzirki zaman şertlerinden ugur alnyp ýerine ýetirilýär. Ýurdumyzyň muzeýlerinde saklanýan gymmatlyklaryň sanyny artdyrmak, muzeýlere sanly ulgamy ornaşdyrmak babatda-da zerur çäreler görülýär. Şunuň bilen birlikde, kitaphanalaryň işini kämilleşdirmäge, ilata edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda elektron kitaplaryň web saýty döredilip, onda dürli neşir önümleriniň elektron nusgalary we audio kitaplar ýerleşdirildi. Şeýle-de teatrlarda we sirklerde şanly seneler, baýramçylyklar mynasybetli täze sahna oýunlarynyň hem-de tomaşalarynyň ilkinji görkezilişlerini guramak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň işini döwrebap guramagyň, maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagyň möhüm ähmiýetini belledi we wise-premýere ulgamyň işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa 2026-njy ýylda aspirantura we alymlyk derejelerine dalaşgärlige hem-de kliniki ordinatura kabul etmegiň meseleleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ylym ulgamynyň yzygiderli kämilleşdirilýändigini, alymlaryň we ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga uly ähmiýet berilýändigini belledi hem-de 2026-njy ýylda aspirantura we alymlyk derejelerine dalaşgärlige, kliniki ordinatura kabul etmek boýunça resminama gol çekdi we degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň protokol gullugynyň işini kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ählumumy abadançylyga gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýandygyny, dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň protokol gullugynyň işini kämilleşdirmäge gönükdirilen teklipleri goldap, wise-premýer, daşary işler ministrine bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümleri tarapyndan ýurdumyzyň ulag-logistika ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek, üstaşyr kuwwatyny pugtalandyrmak, halkara ulag geçelgelerindäki ornuny giňeltmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ulag-logistika pudagyny ösdürmek, üstaşyr kuwwatyny berkitmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Aşgabat — Türkmenbaşy demir ýolunyň ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşi üçin strategik ähmiýetini belläp, ony döwrebaplaşdyrmak babatda taýýarlanan teklibi makullady we bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BMG-NIŇ AZYK WE OBA HOJALYK GURAMASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSYNY KABUL ETDI

***2026-njy ýylyň 22-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň Baş direktory Suý Dunýuý kabul etdi.***



Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän guramasynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga zerur üns berýändigini belledi. Şunuň bilen bir hatarda, Suý Dunýuý Türkmenistanyň ählumumy ekologik derejede abadançylygy üpjün etmek boýunça halkara başlangyçlarynyň ähmiýetini nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow iri halkara düzümiň ýolbaşçysyny mähirli mübärekläp, onuň Türkmenistana amala aşyrýan saparynyň dowamynda howanyň üýtgemegi bilen bagly şertlerde azyk howpsuzlygy boýunça gatnaşjak sebitleýin maslahatynyň bu meseleler boýunça pikir alyşmak üçin möhüm mümkinçilik boljakdygyny belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti bu maslahatyň halkara hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrjakdygyna, täze başlangyçlara itergi berjekdigine hem-de howanyň üýtgemegi şertlerinde azyk howpsuzlygynyň ählumumy meselelerini çözmäge mynasyp goşant goşjakdygyna ynam bildirip, abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary, şol sanda FAO bilen hyzmatdaşlyk etmegiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Türkmenistan bilen FAO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlyk barada aýdyp, häzirki wagtda oba hojalyk pudagyny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen birnäçe taslamalaryň amala aşyrylýandygyny belledi.

Türkmenistanda bu düzümiň goldawy bilen oba hojalygynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, ýer serişdelerini dolandyrmagy kämilleşdirmäge gönükdirilen taslamalar üstünlikli amala aşyryldy hem-de häzirki zaman tehnologiýalary ornaşdyryldy. Mundan başga-da, oba hojalyk ekinlerini goramak boýunça milli we sebit derejesinde tagallalary pugtalandyrmaga gönükdirilen taslamalar durmuşa geçirilýär. “Ýaşyl” howa gaznasynyň çäklerindäki başlangyçlar, “Bitewi saglyk” konsepsiýasy ilerledilýär.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň Baş direktory Suý Dunýuý birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА С ЗАМЕСТИТЕЛЕМ ИСПОЛНИТЕЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ЭКОНОМИЧЕСКОЙ КОМИССИИ ООН ДЛЯ ЕВРОПЫ (ЭЭК ООН)

22 января 2026 года состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Заместителем Исполнительного секретаря Экономической комиссии ООН для Европы (ЕЭК ООН) Дмитрием Марьясиным, который прибыл в Ашхабад для участия в мероприятиях Недели высокого уровня СПЕКА, проходящих с 20 по 23 января текущего года.

В ходе встречи были обсуждены вопросы дальнейшего развития сотрудничества Туркменистана с ЕЭК ООН, включая взаимодействие в области устойчивого развития, энергетики, транспортно-транзитной взаимосвязанности и региональной интеграции.

Туркменская сторона подтвердила приверженность мандату ЕЭК ООН и отметила значимость Комиссии как эффективной платформы для реализации глобальных решений ООН на региональном уровне. В этом контексте была отмечена важность участия Туркменистана в 71-й сессии ЕЭК ООН в апреле 2025 года на высоком уровне.

Особое внимание было уделено вопросам устойчивой энергетики, снижению выбросов метана, а также развитию устойчивых и безопасных транспортных коридоров.

Также подчёркнута важность практической реализации итогов Третьей Конференции ООН по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю (LLDC3), и Авазинской программы действий на 2024–2034 годы, в реализации которых ЕЭК ООН рассматривается в качестве одного из ключевых региональных партнёров.

В завершение встречи стороны выразили готовность к дальнейшему укреплению конструктивного и взаимовыгодного сотрудничества.

# THE ECONOMIC FORUM BEGAN ITS WORK IN ASHGABAT AS PART OF THE SPECA WEEK

On January 21, 2026, the Economic Forum began its work in Ashgabat as part of the United Nations Special Program for the Economies of Central Asia (SPECA) Week.

The Forum brought together heads and representatives of relevant ministries and sectoral agencies of the Central Asian countries, Azerbaijan, India, as well as international organizations, including UN specialized agencies, the European Union, the World Bank, and others.

The objective of the Forum is to comprehensively consider opportunities for shaping a new architecture of economic cooperation across the Eurasian space.

During the opening ceremony of the Economic Forum held as part of SPECA Week, a congratulatory address from President Serdar Berdimuhamedov to the participants was read out. The message emphasized that the Economic Forum, taking place in the year marking the glorious 35th anniversary of the sacred independence of neutral Turkmenistan, would contribute to the successful implementation of the country’s consistent efforts, together with other SPECA member states, to achieve goals aimed at ensuring the further development of the region.

This was followed by the plenary session of the Forum.

Speakers at the session, held in a hybrid format, highlighted the strategic importance of Turkmenistan’s initiatives aimed at enhancing cooperation within the SPECA framework. It was noted that, in the current context, the Programme, by facilitating the transformation of the Central Asian region into one of the rapidly developing transport, logistics, and energy hubs on the Eurasian continent, serves as a key factor for sustainable development.

The significant role of Turkmenistan’s transport diplomacy was also underscored. According to the speakers, the formation of multimodal transport corridors and the simplification of transit operations meet not only the interests of the states of the region, but also those of the global community as a whole.




In presentations by representatives of the Turkmen side, it was emphasized that in the context of global geopolitical and geoeconomic transformations, strengthening regional connectivity is of particular importance, especially in such key areas as energy, transport, and trade.

At the same time, it was noted that Turkmenistan attaches great importance to trade and economic partnership with SPECA countries. A vivid confirmation of this is the growth in mutual trade turnover between Turkmenistan and SPECA member states in recent years.

Within the discussions, particular emphasis was placed on issues of digital transformation and innovative development. Participants highlighted the need to introduce modern UN standards into customs and trade procedures.

During the discussion on investment issues, speakers underscored the importance of establishing a multilateral partnership trust fund.

Attention was also focused on issues of environmental sustainability and the efficient use of natural resources. In this context, the necessity of ensuring the inclusive nature of economic growth was emphasized.

At the conclusion of the plenary session, foreign participants expressed their appreciation to the Turkmen side for the high organizational level of the Forum and the favorable conditions created for productive dialogue.

The Forum then continued its work with a thematic session entitled “Energy Connectivity in the Trans-Caspian Region and Beyond,” during which attention was given to the role of Central Asia as an important link in ensuring global energy security.

Within the thematic session “Transport Interconnection for Improving the Efficiency of Eurasian Transport Connectivity,” participants focused on the need to promote the development of multimodal transport corridors. According to the participants, integrating national transport networks into a unified SPECA system would significantly increase the volume of transit cargo flows.

The Forum then proceeded with the thematic session “Strategic Vision for Sustainable Development,” which discussed integrated approaches to the implementation of the 2030 Agenda for Sustainable Development.

On 22 January, the Forum continues its work in the format of thematic sessions.

# TÜRKMENISTANYŇ DIM-NDE FAO-NYŇ BAŞ DIREKTORY BILEN DUŞUŞYK GEÇIRILDI



2026-njy ýylyň 21-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalygy guramasynyň (FAO) Baş direktory Sýu Dunýuý bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň FAO bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýändigi nygtaldy. Türkmen tarapy FAO bilen amaly hyzmatdaşlygy, şol sanda bilelikdäki maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirmek arkaly mundan beýläk-de pugtalandyrmaga we giňeltmäge taýýardygyny tassyklady.

2025-nji ýylda Türkmenistan bilen FAO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýe bolandygy, şeýle hem FAO-nyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň açylmagynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmagyň möhüm şerti bolup durýandygy bellenildi.

Taraplar howanyň üýtgemegi şertlerinde azyk howpsuzlygy meseleleri boýunça bilelikdäki sebitleýin maslahatlarynyň geçirilmeginiň ýurtlaryň arasynda dialogy we hyzmatdaşlygy utgaşdyrmak üçin netijeli meýdança bolup durýandygyny bellediler.

Duşuşykda durnukly ösüş, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi bilen bagly meselelere aýratyn üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Merkezi Aziýa ýurtlary üçin Çölleşmä garşy göreş boýunça sebit merkezini, şeýle hem Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyçlary nygtaldy.

Şeýle hem taraplar Türkmenistanyň Hökümeti bilen FAO-nyň arasynda 2026–2030-njy ýyllara niýetlenen hyzmatdaşlygyň Ýurt boýunça çarçuwaly maksatnamasynyň işlenip taýýarlanylmagy bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

* * *

Soňra Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalygy guramasynyň arasynda FAO-nyň wekilhanasyny döretmek we tehniki ýardam bermek hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

# ПОСОЛ РЕСПУБЛИКИ ЧАД В ТУРКМЕНИСТАНЕ ВРУЧИЛ КОПИИ ВЕРИТЕЛЬНЫХ ГРАМОТ



21 января 2026 года состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Мяхри Бяшимовой с вновь назначенным Чрезвычайным и Полномочным Послом Республики Чад в Туркменистане (с резиденцией в г.Москва) Махамудом Адамом Беширом, который вручил копии своих верительных грамот.

М.Бяшимова поздравила Посла с назначением на ответственный пост и выразила готовность туркменской стороны оказывать содействие и поддержку в осуществлении его дипломатической деятельности.

Далее стороны обсудили нынешнее состояние и перспективы развития двусторонних отношений в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной областях.

Отмечен позитивный опыт сотрудничества в рамках многосторонних площадок. В частности, стороны выразили готовность продолжить практику взаимной поддержки инициатив в рамках ООН.

В завершение встречи собеседники подтвердили приверженность дальнейшему укреплению сотрудничества.

On January 21, 2026, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan, Rashid Meredov met with the EU Special Representative for Central Asia Eduards Stiprais, who arrived in Ashgabat to participate in events as part of the United Nations Special Programme for the Economies of Central Asia (SPECA) Week.



# THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN MET WITH THE EU SPECIAL REPRESENTATIVE FOR CENTRAL ASIA

During the meeting, the sides discussed the current state and prospects for developing cooperation between Turkmenistan and the European Union in areas of mutual interest.

They expressed interest in expanding the political-diplomatic dialogue and the legal framework of cooperation. In this context, the parties discussed the possibilities of organizing high-level meetings and visits during the current year.

The diplomats discussed cooperation between Turkmenistan and the EU in the field of transport.

The parties exchanged views on the development of partnership in the area of professional education.




# СОСТОЯЛИСЬ ПЕРЕГОВОРЫ МЕЖДУ ГЛАВАМИ ВНЕШНЕПОЛИТИЧЕСКИХ ВЕДОМСТВ ТУРКМЕНИСТАНА И АВСТРИЙСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

19 января 2026 года в формате видеоконференцсвязи состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Федеральным министром по европейским и международным делам Австрии Беатой Майнл-Райзингер.

В ходе встречи стороны обсудили широкий круг вопросов, касающихся двусторонних связей в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Стороны высоко оценили сотрудничество Туркменистана и Австрийской Республики в рамках многосторонних структур, включая ООН, ЕС и ОБСЕ.

В этом контексте, дипломаты рассмотрели возможности организации встреч на высшем и высоком уровне в текущем году.

Кроме этого, состоялся обмен мнениями по международным вопросам, представляющим взаимный интерес.



## Посол Туркменистана провёл встречу с руководством компании MULTIPOWER SRL

22-го января 2026 года в Посольстве Туркменистана в Румынии состоялась встреча Посла А.Аннаева с Исполнительным менеджером компании MULTIPOWER SRL, господином Ионелем Минеа.

В ходе встречи стороны обменялись мнениями по вопросам развития двустороннего сотрудничества в торгово-экономической сфере. Было отмечено, что компания осуществляет деятельность в области торговли продукцией, переработанной из природного газа и нефти.

Представители компании выразили заинтересованность в расширении взаимодействия с Туркменистаном, в том числе в сфере поставок отдельных видов перерабатываемой продукции.

Стороны подтвердили обоюдную заинтересованность в поддержании конструктивного диалога и выразили надежду на дальнейшее развитие взаимовыгодного сотрудничества.

## Türkmenistanyň Adatdan Daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Wýetnamda kärdeşleri bilen duşuşdy



2026-njy ýylyň 22-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Wýetnamdaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi (oturýan ýeri ş.Pekin) Parahat Durdyýew Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň Ýewropa departamentiniň Baş direktory jenap Bui Ha Nam bilen duşuşyk geçirdi.

Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistan bilen Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer ugurlary boýunça pikir alyşdylar.

Ilçi P.Durdyýew guralan duşuşyk üçin wýetnam tarapyna hoşallyk bildirip, geçen ýylda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk derejesiniň 30 ýyllygynyň bellenilmegi hem-de onuň ýurduň halkara giňişligindäki ähmiýeti barada kärdeşine maglumat berdi. Şeýle hem söhbetdeşligiň dowamynda Baş direktor şu ýyl Türkmenistanda geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreler bilen tanyşdyryldy.

Günüň ikinji ýarymynda Ilçi Parahat Durdyýew Wýetnamyň Daşary işler ministrliginiň Konsullyk gullugy departamentiniň Baş direktory jenap Doan Hoang Min bilen hem duşuşyk geçirdi. Duşuşykda taraplar konsullyk hyzmatdaşlygynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşyp, bu ugurda özara gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň ýollaryny kesgitlediler. Iki ýurduň arasynda syýahatçylyk akymynyň artmagy bilen baglylykda, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak meselelerine aýratyn üns berildi.



Şeýle hem diplomatlar diplomatik we gulluk pasportlarynyň eýelerini wiza we beýleki resmileşdiriş amallaryndan boşatmagyň tertibini düzgünleşdirýän milli kadalar barada maglumat alyşdylar.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Работы туркменских школьников будут выставлены на японской выставке картин «Искусство без границ»***

При содействии Посольство Туркменистана в Японии туркменские дети примут участие на запланированной в период 22 января - 01 февраля 2026 года в г.Токио выставке картин школьных учеников под названием «Искусство без границ».

Вышеуказанная выставка организуется в Национальном центре искусств в Токио совместно Обществом «Япония-Евразия» и Международной ассоциацией «СУМИ».

В рамках провозглашенного в Туркменистане 2026 года - «Независимый нейтральный Туркменистан - Родина целеустремлённых крылатых скакунов» на вышеуказанной выставке картин будут выставлены картины школьников нашей страны, где особое место займут работы, посвященные нашим небесным коням.

***Ашхабад рассматривается как площадка для проведения мероприятия ПА ОБСЕ***

Посол Туркменистана Хемра Аманназаров провел встречу с председателем Парламентской Ассамблеи ОБСЕ Пере Жоаном Понсом в Вене. Переговоры состоялись в здании Хофбург, где располагается штаб-квартира ОБСЕ, об этом сообщается на странице соцсети туркменского посольства.

В ходе встречи стороны обменялись мнениями по вопросам парламентского сотрудничества и вовлечения молодежи в деятельность организации.

Особое внимание на переговорах было уделено обсуждению будущих региональных инициатив. Участники встречи рассмотрели возможность проведения мероприятия Парламентской Ассамблеи ОБСЕ в Ашхабаде.

***Туркменистан и Бельгия создадут парламентскую группу дружбы***

В марте текущего года в Брюсселе запланирована встреча парламентской группы дружбы между законодательными органами Бельгии и Туркменистана. Об этом договорились в ходе переговоров с участием спикера Палаты представителей Бельгии Питера Де Ровера и послов стран Центральной Азии.

Посол Туркменистана в Бельгии С.Пяльванов провел встречу с главой бельгийского парламента совместно с дипломатами центральноазиатских государств и Монголии. В ходе беседы дипломат подчеркнул, что Центральная Азия превратилась в регион единства, взаимного доверия и активного сотрудничества, где страны вырабатывают совместные подходы по вопросам общего интереса.

Стороны обсудили расширение двустороннего взаимодействия по широкому спектру направлений: транспортные коммуникации, энергетика, охрана окружающей среды, наука, образование и культурно-гуманитарная сфера. Особое внимание уделили развитию межпарламентского диалога.

По итогам переговоров участники подтвердили готовность продолжить парламентские консультации и углубить взаимовыгодное сотрудничество между Бельгией и государствами Центральной Азии, включая Туркменистан.

***Обсуждены возможности сотрудничества между университетами Туркменистана и Казахстана***

20 января состоялась встреча ректора Туркменского государственного университета им. Махтумкули О.Овезахедова с Чрезвычайным и Полномочным Послом Республики Казахстан в Туркменистане Н. Ногаевым, а также с директором департамента профориентации и развития Казахского национального педагогического университета имени Абая, доктором философии А. Найманбаевым. Об этом сообщается на сайте ТГУ.

В ходе встречи стороны обсудили возможности сотрудничества между Туркменским государственным университетом и Казахским национальным педагогическим университетом.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***